# BIODÜRLÜLIK HAKYNDA KONWENSIÝANYŇ GENETIKI BAÝLYKLAR BOÝUNÇA NAGOÝA TESWIRNAMASY

## GYSGAÇA MAGLUMAT:

Birleşen Milletler Guramasynyň Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýasynyň düzüm bölegi bolan Genetiki baýlyklaryň elýeterliligini we olary ulanmak bilen düşýän peýdany deň we adalatly esasda bilelikde peýdalanylmagyny sazlaşdyrýan Nagoýa Teswirnamasy bu Konwensiýanyň üçünji maksadynyň, ýagny genetiki baýlyklary peýdalanmakdan alynýan peýdany (girdejini) ol baýlyklaryň gelip çykan we peýdalanýan ýurtlarynyň arasynda deň derejede we adalatly paýlamaga gönükdirilen halkara ylalaşygydyr.

## TARYHY:

1992-nji ýylda kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyň Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýasy esasan üç sany maksatlary, ýagny ýagny biologik dürlüligi gorap saklamaklygy, onuň düzüm böleklerini durnukly peýdalanmaklygy, hem-de şol sanda ösüp barýan ýurtlara degişli tehnologiýlary hem bermek we ýeterlikli maliýeleşdirmek arkaly genetiki baýlyklary peýdalanmakdan gelýän peýdany adalatly we deň derejede almagy we peýdalanmaklygy göz öňünde tutýar. Genetiki baýlyklara baý, emma tehnologiýa taýdan ösüşi pes bolan ýurtlara biologik dürlüligi gorap saklamaga we ol ýurtlaryň çägindäki biologik dürlüligiň ykdysady taýdan möhüm görnüşleriniň durnukly ulanylyşyna ýardam etmek maksady bilen, Biodürlülik hakynda konwensiýanyň çäklerinde Genetiki baýlyklar boýunça ýörite teswirnama işlenip taýýarlandy.

Nagoýa Teswirnamasy Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýanyň Taraplarynyň 2010-njy ýylyň oktýabr aýynda Ýaponiýanyň Nagoýa şäherinde geçen 10-njy mejlisinde kabul edildi we 2014-nji ýylda, 50-nji döwlet tarapyndan tassyklanandan soň güýje girdi.

Türkmenistan Nagoýa teswirnamasyna 2020-nji ýylyň 4-nji noýabrynda goşuldy we 2021-nji ýylyň 4-nji fewrlynda resmi taýdan bu Teswirnamanyň tarapy boldy.

**ESASY MAKSADY:**

Nagoýa Teswirnamasy genetiki baýlyklary berýän we ol baýlyklary ulanýan taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryň açyklygyny/ aýdyňlygyny we hukuk taýdan ygtybarlylygyny üpjün edýär.

Botaniki we haýwanat baglary, ylmy-barlag institutlary, farmokologiýa, oba hojalyk, kosmetiki kärhanalary, hususy kolleksionerler we beýleki ösümlik we haýwanat dünýäsiniň görnüşlerinden, olardan alynýan ömünlerden peýdalanýanlar genetiki baýlyklaryň peýdalanyjylary bolup bilýärler.

**TESWIRNAMANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Genetiki baýlyklar hakynda Nagoýa teswirnamasyny tassyklan ýurtlar aşakdakylary ýerine ýetirmäge borçlanýarlar:

- Nagoýa teswirnamasyny tassyklan Tarap onuň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar we Teswirnamanyň çäklerinde ýerine ýetirilen işler barada Konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatlarynda yzygiderli hasabatberýär;
- Genetiki baýlyklaryň elýeterliligi we ol baýlyklardan alynýan peýdany bilelikde ulanmak babatda Milli utgaşdyryjy merkezi belleýär;
- Genetiki baýlyklaryň elýeterliligi we ol baýlyklardan alynýan peýdany bilelikde ulanmak babatda Milli ygtyýarly edarany (ýa-da edaralary) belleýär;
- Konwensiýanyň Nagoýa teswirnamasyny tassyklan Tarap özi üçin bu Teswirnamanyň güýje giren gününe çenli aragatnaşyk saklamak boýunça jogapkär wekil barada Konwensiýanyň sekretarityna habar berýär;
- Halkara derejede toplanan tejribelerden ugur alyp, genetiki baýlyklary gorap saklamagyň hukuk esaslaryny berkitmek boýunça degişli işleri geçirýär
- Genetiki baýlyklaryň elýeterliligi we ol baýlyklardan alynýan peýdany bilelikde ulanmak babatda maglumatlary hem-de tehnologiýalary alyşmak boýunça araçyllyk mehanizmini ýola goýýar.